# Ikimize bir asman ýetýär

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Ikimize bir asman ýetýär Ýazyň ýeter güýzüňe,
Ömür iki gezek däl.
Şoň üçin ikimize,
Artyk hiç zat gerek däl.

Saralmasyn gül meňziň,
Ir solmasyn gül beden.
Ikimize bir menzil,
Ikimize bir bedew.

Dünýe maly bir püçek,
Bolsa öýde garaşýan.
Ikimize bir üçek,
Ikimize bir asman.

Söýgiň bolmaz dermi-sal,
Söýgiňe sarpa goýdum.
Ikimize bir wysal,
Ikimize bir aýdym.

Ikimize bir şatlyk,
Ikimize bir gussa.
Gussaň ýüzi aşakdyr,
Köňül-köňle gowuşsa.

Ikimize bir taglym,
Ikimize bir takat.
Takdyrymyza müň tagzym,
Ýaşap ýörsek rahat.

Ikimize bir gadam,
Ikimize bir ykbal.
Ikimize bir Watan,
Artyk hiç zat gerek däl.